#101 (123)
среда, 30 ноября 2022 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

***2022-nji ýylyň 25-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda resminamalaryň taýýarlanan taslamalaryna garaldy, şeýle-de käbir möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Ilki bilen, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berildi. Ol täze taryhy eýýamyň özgertmelerini hukuk taýdan kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda täze Kanunlar metbugatda çap edilýär we deputatlar tarapyndan olaryň many-mazmunyny ilata düşündirmek boýunça degişli işler geçirilýär. Kanun çykaryjylyk işiniň meýilnamasyna laýyklykda, Mejlisde ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine, aýry-aýry ulgamlaryň kanunçylyk esaslarynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilen işler alnyp barylýar. Hususan-da, işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak bilen bagly Kanun taslamalaryny taýýarlamak işleri alnyp barylýar.

23-nji noýabrda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlyk etmeginde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisi geçirildi. Onda "Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Kanunyň taslamasy giňden ara alnyp maslahatlaşyldy. Gahryman Arkadagymyz Döwlet býujetiniň ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýetini bellemek bilen, bu barada gymmatly maslahatlaryny we tekliplerini beýan etdi, býujetiň taslamasy boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmekde esasy üns berilmeli ugurlary salgy berdi. Şunuň bilen baglylykda, degişli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň ösdürilmegini kanunçylyk taýdan goldamak boýunça Mejlisiň öňünde goýlan wezipeleri çözmegiň, olaryň işine ylmyň öňdebaryjy gazananlaryny ornaşdyrmagyň zerurdygyny belledi. Halkymyzyň abadançylygyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň we meýilnamalarynyň täze konsepsiýalaryny işläp taýýarlamak hem-de durmuşa geçirmek ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda kesgitlenildi.

Döwlet Baştutanymyz ilatyň, aýratyn-da, ýaşlaryň arasynda wagyz-düşündiriş işlerini işjeňleşdirmegiň ähmiýetini hem nygtady.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew meýilnamalaýyn kanun çykaryjylyk işi barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 19-njy noýabrynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň birinji çagyrylyşynyň sekizinji mejlisi geçirildi. Onda 9-njy noýabrda Milli Geňeşiň Mejlisiniň altynjy çagyrylyşynyň ýigriminji maslahatynda kabul edilen Kanunlar ara alnyp maslahatlaşyldy we makullanyldy.

23-nji noýabrda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlyk etmeginde Halk Maslahatynyň mejlisi geçirildi. Onda "Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Kanunyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Gahryman Arkadagymyzyň döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlaryny, maýa goýum maksatnamalaryny öz içine alýan Döwlet býujeti boýunça anyk hasaplamalary baradaky sargytlaryny we maslahatlaryny göz öňünde tutup, Hökümet edaralary bilen bilelikde seljerme işleriniň geçirilmegi boýunça degişli teklipler berildi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy 19-njy noýabrda Ahal welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurluşygynyň alnyp barlyşy, hususan-da, çagalaryň döwrebap bilim, terbiýe almagy, sport bilen meşgullanmagy üçin niýetlenen binalaryň gurluşyk işleri bilen tanyşdy. Şeýle-de Gahryman Arkadagymyzyň Balkan welaýatynda iş saparynda bolup, şol ýerde "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyny ösdürmek, sebitiň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini peýdalanmak, ekologik abadançylygy üpjün etmek we syýahatçylygy ösdürmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, iş maslahatyny geçirendigi habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet durmuş-ykdysady maksatnamalaryny we taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň kanun çykaryjylyk işini mundan beýläk-de ösdürmegiň wajypdygyny nygtady.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň 21-22-nji noýabrda Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran resmi saparynyň netijeleri barada hasabat berdi. Saparyň birinji gününde geçirilen ýokary derejedäki ikitaraplaýyn gepleşikleriň barşynda döwletara hyzmatdaşlygyň tutuş toplumyny öz içine alýan möhüm meseleleriň birnäçesine garaldy. Taraplar abraýly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek barada ylalaşdylar hem-de Daşary işler ministrlikleriniň arasyndaky geňeşmeleri yzygiderli geçirmegiň möhümdigini bellediler. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we BAE-niň daşary syýasat edaralarynyň arasynda 2023-2024-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Maksatnamasyna gol çekildi.

Gepleşiklerde söwda-ykdysady we maliýe-bank ulgamlarynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň möhümdigi nygtaldy, ýangyç-energetika toplumynda, nebiti gaýtadan işleýän, gazhimiýa senagatynda, ulag-logistika ulgamynda we

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTAN - KOREÝA RESPUBLIKASY:

## STRATEGIK HYZMATDAŞLYGY IŞJEŇLEŞDIRMEKDE PARLAMENT DIPLOMATIÝASYNYŇ TÄZE ÄDIMI

***2022-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynda resmi saparda bolmagynyň çäklerinde dostlukly ýurduň Milli Assambleýasynyň Başlygy Kim Jin-Pýo bilen duşuşdy.***

Milli Assambleýanyň binasynyň merkezi girelgesiniň ýanynda hormatly Arkadagymyz mähirli garşylanyldy. Dostlukly ýurduň Milli Assambleýasynyň Başlygy Kim Jin-Pýo we beýleki resmi adamlar Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygyny güler ýüz bilen mübärekklediler.

Binanyň ikinji gatynda Türkmenistanyň we Koreýa Respublikasynyň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşmek dabarasy boldy. Soňra Milli Assambleýanyň Başlygy hormatly Arkadagymyzy binanyň duşuşyklar otagyna çagyrdy. Bu ýerde ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.

Dostlukly ýurduň Milli Assambleýasynyň Başlygy Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Koreýa Respublikasyna gelip görmäge iberilen çakylygy kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi we hormatly Arkadagymyz bilen duşuşýandygyna örän şatdygyny nygtady.

Öz gezeginde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy birek-birege hormat goýmak we ynanyşmak ýagdaýynda geçen many-mazmunly duşuşyk üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky parlament gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de okgunly we durnukly ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Soňra bu ýerde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygy Kim Jin-Pýo duşuşyga gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahaty bilen Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň arasynda özara hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekdiler. Gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, iki ýurduň wekiliýetleri ýadygärlik surata düşdüler.

Az wagtlyk dynç alyşdan soňra, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy resmi günortanlyk naharyň berilýän ýerine geldi. Bu ýerde hormatly Arkadagymyzy «Türkmenistan — Koreýa» parlamentara dostluk toparynyň ýolbaşçysy Li Dal-Gon mähirli garşylady.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygyna we türkmen wekiliýetine bildirilýän hormatyň nyşany hökmünde «Türkmenistan — Koreýa» parlamentara dostluk toparynyň adyndan berlen resmi günortanlyk nahary iki dostlukly ýurduň arasynda ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň köptaraplaýyn häsiýete eýe bolýandygynyň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Resmi günortanlyk nahary tamamlanandan soňra, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow kabul edýän tarapa minnetdarlyk bildirdi.

Koreýa Respublikasynda resmi saparda bolýan hormatly Arkadagymyz günüň ahyrynda dostlukly ýurduň Milli Assambleýasynyň Başlygynyň kabulhanasyna tarap ugrady.

Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygynyň kabulhanasynyň merkezi girelgesiniň ýanynda hormatly Arkadagymyzy Kim Jin-Pýo mähirli garşylady we belent mertebeli myhmany kabulhana çagyrdy.

Soňra Kim Jin-Pýo hormatly Arkadagymyzy binanyň howlusynda ýerleşýän gyşky seýilgähe çagyrdy. Iki ýurduň wekiliýetleriniň Baştutanlary bu ýerde oturdylan bag nahallaryny, gülleri synladylar.

Kabulhananyň gyşky seýilgähiniň özboluşly aýratynlyklary bilen tanyşlykdan soňra, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Milli Assambleýanyň Başlygy Kim Jin-Pýo resmi agşamlyk naharynyň berilýän ýerine geldiler. Bu ýerde iki ýurduň wekiliýetleriniň Baştutanlary söz sözlediler.

Kim Jin-Pýo hormatly Arkadagymyzy ýene bir ýola mübärekläp, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň bu gezekki saparyna Koreýa Respublikasynda aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi hem-de saparyň çäklerinde gazanylan ylalaşyklaryň iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň taryhynda täze sahypa öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz geçirilen gepleşikleriň netijeli häsiýete eýe bolandygyny, resmi saparyň maksatnamasyna laýyklykda, gepleşikleriň dowam etdiriljekdigini, şunda Koreýa Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşyk geçiriljekdigini belledi.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna resmi sapary dowam edýär.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУНИССКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Тунисской Республики Каису Саиду и всему народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Тунисской Республикой.

Отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, а также выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям сотрудничество наших стран будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Каису Саиду искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Тунисской Республики – прогресса и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

beýleki pudaklarda netijeli gatnaşyklary giňeltmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Saparyň birinji gününde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum bilen duşuşygy geçirildi. Onda netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, şol sanda Dubaýda geçirilen "EKSPO — 2020" Bütindünýä sergisinde toplanan oňyn tejribäni nazara almak bilen, gatnaşyklary pugtalandyrmagyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de şol gün hormatly Prezidentimiz BAE-niň Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşdy. Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň barşynda degişli şertnama-hukuk binýadyny pugtalandyrmagyň wajypdygy bellenildi. Şunuň bilen birlikde ýakyn wagtda Birleşen Arap Emirlikleriniň senagat we öňdebaryjy tehnologiýalar boýunça ministriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Türkmenistana saparynyň meýilleşdirilýändigi habar berildi.

Ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasynyň we BAE-niň Söwda-senagat edaralary federasiýasynyň arasynda 2023-2024-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk boýunça iş meýilnamasyny taýýarlamak hem-de bilelikdäki işewürler geňeşini döretmek we onuň birinji mejlisini geljek ýylda geçirmek teklip edilýär. Mundan başga-da syýahatçylyk ulgamynda gatnaşyklary ýola goýmagyň mümkinçiliginden ugur alyp, ýurdumyzyň Medeniýet ministrliginiň hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň wekilleriniň BAE-niň ugurdaş düzümleriniň wekilleri bilen geňeşmelerini, maslahatlaşmalaryny guramak teklip edilýär.

Saparyň ikinji gününde döwlet Baştutanymyz iki ýurduň işewür toparlarynyň wekillerini birleşdiren "Türkmenistan — BAE" işewürlik maslahatynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Arap Emirliklerine saparynyň netijeleri boýunça Hökümetara we pudagara derejelerde resminamalaryň 13-sine, şeýle-de telekeçilik düzümleriniň ugry boýunça resminamalaryň 8-sine gol çekildi. Gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde durmuşa geçirmek maksady bilen, 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda Abu-Dabide Türkmenistan bilen BAE-niň arasynda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komitetiň nobatdaky mejlisini geçirmek, şeýle-de türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de giňeltmäge gönükdirilen "Ýol kartasyny" taýýarlamak teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Birleşen Arap Emirlikleri bilen gatnaşyklaryň dostlukly we netijeli häsiýete eýedigini kanagatlanma bilen belledi. Şu hepdede Abu-Dabide ýokary derejede geçirilen gepleşikler munuň aýdyň subutnamasydyr. Söwda-ykdysady ulgamda, şol sanda nebitgaz toplumy, ulag-logistika ýaly strategik ugurlarda ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek üçin uly mümkinçilikler bar. Şunda ýurtaryň ikisinde-de kuwwatly port düzüminiň bolmagy möhüm ähmiýete eýedir. Şunuň bilen birlikde medeni-ynsanperwer ulgamda gatnaşyklary işjeňleşdirmek möhüm bolup durýar. Syýahatçylyk ulgamynda gatnaşyklary ýola goýmak üçin oňat mümkinçilikler bar. Munuň özi türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga hem-de ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam eder.

Döwlet Baştutanymyz şular barada aýdyp, saparyň netijeleri boýunça gazanylan ylalaşyklaryň hem-de gol çekilen köp sanly resminamalaryň ähmiýetini nygtady. Şolar döwletara gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmaga, ähli ugurlar boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge we diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam bermelidir. Hormatly Prezidentimiz bar bolan köpugurly kuwwatly türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyny uzak möhletleýin esasda mundan beýläk-de okgunly ösdürmek üçin amatly mümkinçilikleri şertlendirýändigini belläp, wise-premýere, daşary işler ministrine we beýleki degişli ýolbaşçylara bu ugurdaky işleri yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMEN-KOREÝ HYZMATDAŞLYGYNY ÖSDÜRMEGIŇ MÖHÜM UGURLARY KESGITLENILDI



***29-njy noýabrda ir bilen Gahryman Arkadagymyzyň awtoulag kerweni Koreýa Respublikasynyň döwlet Baştutanynyň "Ýonsan" köşgüne tarap ugrady. Bu ýerde hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowy dostlukly döwletiň Prezidentiniň Diwanynyň protokol gullugynyň ýolbaşçysy mähirli garşylady we bina girmäge çagyrdy.***

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy köşgüň duşuşyklar üçin zalyna barýar. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz we Prezident Ýun Sok Ýol mähirli salamlaşýarlar.

Duşuşygyň barşynda iki ýurduň syýasy-diplomatik, ykdysady we medeni gatnaşyklarynyň ýokary derejesi bellenildi. Şol gatnaşyklar deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we hoşniýetli ýörelgeleri esasynda işjeň ösdürilip, soňky ýyllarda hil taýdan täze derejä çykaryldy.

Günüň ikinji ýarymynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Koreýanyň Halkara söwda assosiasiýasynyň (KITA) prezidenti Kristofer Ku bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň arasynda dürli ugurlarda, aýratyn-da, ulag-logistika ulgamy boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Soňra hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň işewür düzümleriniň wekilleri bilen duşuşyk geçirdi.

Duşuşyga şu kompaniýalaryň we degişli düzümleriň ýolbaşçylary gatnaşdy - "Hyundai Engineering", "Hyundai Corporation", "Hyundai Motors", Günorta Koreýanyň "KEXIM" eksport-import banky, "LX International Corp.", "Omnisystem Co Ltd", "Daewoo Engineering and Construction" kompaniýalary, Koreýa Respublikasynyň Deňiz enjamlary ylmy-barlag institutу, (KOMERI), "MESCO", Koreý lukmançylygyny ösdürmek boýunça milli instituty, Kýongbuk milli uniwersitetiniň ýanyndaky "Chilgok" klinikasy, "KITECH" konwergent tehnologiýalar merkezi, "KD Navien" düzümi bar.

Soňra iki ýurduň ugurdaş düzümleriniň we işewür toparlarynyň arasynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna resmi saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň wekiliýetiniň agzalarynyň dostlukly ýurduň ugurdaş düzümleriniň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirildi. Olaryň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Koreýa Respublikasyna resmi sapary tamamlanandan soňra, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Watanymyza ugrady.

***23-nji noýabrda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisi geçirildi.***

# *TÜRKMENISTANYŇ MILLI GEŇEŞINIŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI*

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýere ýygnananlara ýüzlenip, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň şu günki mejlisine Hökümetiň agzalarynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň hem-de ýaşlaryň çagyrylandygyny belledi.

Gahryman Arkadagymyz ol günki mejlisiň gün tertibinde Milli Geňeşiň Mejlisi tarapyndan hödürlenen «Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Kanunyň bardygyny belläp, mejlise gatnaşyjylara gün tertibi boýunça kimiň nähili teklibiniň bardygy baradaky sowal bilen ýüzlendi.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy mejlisiň gün tertibini tassyklamak hakynda gelip gowşan teklibi gün tertibine goýdy. Teklip mejlise gatnaşyjylar tarapyndan biragyzdan goldanyldy.

Hormatly Arkadagymyz Halk Maslahatynyň agzalaryna ýüzlenip, ara alnyp maslahatlaşylýan mesele boýunça teklipler, bellikler ýa-da soraglar dörese, onda olary ýazmaça görnüşde berip boljakdygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam edip, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen ýurdumyzda býujet işini kämilleşdirmek boýunça döwlet toparynyň döredilendigini, Türkmenistanda 2022 — 2028-nji ýyllarda býujet ulgamynda özgertmeleri geçirmek boýunça çäreleriň Meýilnamasynyň tassyklanandygyny aýdyp, şol resminamalaryň esasynda, ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasyny — 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetini işläp taýýarlamak boýunça kesgitli çäreleriň geçirilendigini belledi.

Muňa garamazdan ony taýýarlamak boýunça ýeterlik işler geçirildimi? Milli Geňeşiň Mejlisi tarapyndan teklip edilen bu resminama ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça wezipelere laýyk gelýärmi, onda döwletimizi ösdürmek we adamlaryň abadançylygyny gowulandyrmak boýunça işleri doly we bökdençsiz maliýe taýdan üpjün etmek göz öňünde tutuldymy, bu işleri kämilleşdirmek boýunça ýene-de nämeler etmeli? diýen soraglary orta atdy.

Soňra Halk Maslahatynyň Başlygy Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowanyň, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowyň, maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarowanyň, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Aşgabat şäherinden, Balkan welaýatyndan, Daşoguz welaýatyndan, Lebap welaýatyndan, Mary welaýatyndan agzalarynyň çykyşlary diňlenildi.

Döwlet býujeti işlenip taýýarlananda, ýurduň ykdysady ösüşiniň geljegi, daşary ýurt pul gorlary, milli puluň hümmeti, maýa goýum syýasaty, maliýe bazarynyň ýagdaýy ýaly soraglaryň göz öňünde tutulmalydygyny bellemek isleýärin. Bu soraglaryň esasy bölegi maliýe-bank ulgamynyň wezipesi bilen baglydyr diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de: «Bu soraglar teklip edilýän 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetinde göz öňünde tutuldymy?!» diýip, bu ýere ýygnananlara ýüzlendi.

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ MILLI GEŇEŞINIŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

Şeýle hem «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» her ýyl we bellenen möhletlerde, öz wagtynda durmuşa geçirilmeli wezipeleriň anyk görkezilendigine üns çekildi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy: «2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti bu resminamalarda öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýärmi?» diýen sowal bilen ýüzlendi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasyny seljerip görmegi teklip etdi.

Sanly ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrmak, döwlet emlägini hususylaşdyrmak, kärhanalary paýdarlar jemgyýetlerine öwürmek, gymmatly kagyzlaryň gazna bazaryny ösdürmek, eksporta niýetlenen önümçilik kärhanalaryny goldamak ýaly işler Döwlet býujetiniň girdeji bölegini artdyrmagyň goşmaça çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bellenilişi ýaly, goşmaça serişdeleri netijeli ulanmagyň hasabyna girdejileriň möçberini iň ýokary derejä çykarmak üçin degişli çäreler görülýär.

Gahryman Arkadagymyz çykyşynyň dowamynda häzirki döwürde serişdeleriň býujete gelip gowuşmagyna edilýän gözegçiligiň kanagatlanarsyz ýagdaýdadygyny belledi. Agyz suwunyň, elektrik energiýasynyň, tebigy gazyň bisarpa ulanylýandygyny, häzirki döwürde býujet serişdeleriniň maksatlaýyn we tygşytly ulanylmaýandygyny, zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberlerini artdyrmak barada belläp geçdi.

Şonuň ýaly-da Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň başlygy çykyşynyň dowamynda ýurdumyzda düýpli maýa goýumlarynyň möçberleri her ýyl artdyrylýar. Ýokarda agzalan Maksatnama laýyklykda, 2023-nji ýylda 1 milliard 354,59 million manat möçberde düýpli maýa goýumlaryny goýmak göz öňünde tutuldy. Elbetde, bu serişdeler 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende has artykdyr.

2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetinde ýaşlarymyza kanuny esaslarda berilýän ýeňillikleriň hökman göz öňünde tutulmagynyň zerurdygyny, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, 2023-nji ýylda 5 hassahana, 11 sany mekdebe çenli çagalar edarasy, 8 sany umumybilim berýän edara, 1 sany ýokary okuw mekdebi we 1 teatr gurulmalydygyny, ylym ulgamynyň ösdürilmelidigini, önümçilik kärhanalaryny gurmagyň, oba hojalygyny milli ykdysadyýetimiziň iň bir girdejili pudagyna öwürmegiň, telekeçiligi we hususy pudagy ösdürmegiň möhümdigini, halkymyzy ýaşaýyş jaýlary, iş ýerleri bilen üpjün etmegiň zerurdygyny tekrarlady.

Gahryman Arkadagymyz ähli ugurlar boýunça edilen bellikleri göz öňünde tutup, ýene-de bir gezek anyk we takyk hasaplamalary geçirip, 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky Kanunyň taslamasyny üstünde işlemek üçin Milli Geňeşiň Mejlisine gaýtarmagy, şondan soňra ony Milli Geňeşiň Halk Maslahatyna gaýtadan seretmäge bermegi teklip etdi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Arkadagly Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür arzuw etdi.

Mejlisiň ahyrynda Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlandy.

# TÜRKMENISTANYŇ MILLI GEŇEŞINIŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY “AWAZA” MILLI SYÝAHATÇYLYK ZOLAGYNDA IŞ MASLAHATYNY GEÇIRDI

Noýabr aýynyň 24-ne Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Balkan welaýatynda iş saparynda bolmagynyň çäklerinde Milli Geňeşiň, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalarynyň hem-de ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Onda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny mundan beýläk-de ösdürmek, sebitiň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, Hazaryň özboluşly tebigy şertlerini syýahatçylygyň ösdürilmegine gönükdirmek we türkmen topragynyň bu täsin künjeginiň ekologik abadançylygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Awazanyň çägini giňeltmek, syýahatçylygyň ösdürilmeginde möhüm ähmiýeti bolan binalaryň gurluşygyny çaltlandyrmak, bu ýerde ýurdumyzyň raýatlarynyň ýokary derejeli dynç alşyny üpjün etmek meseleleriniň ähmiýeti barada aýdyp, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy bu işleriň netijeli durmuşa geçirilmeginiň ykdysady taýdan bähbitli boljakdygyny aýratyn belledi.

Soňra maslahata gatnaşýan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministrine söz berildi. Onuň çykyşynda 2023-nji ýylyň ikinji çäryeginde Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň wekillerini, hünärmenlerini Türkmenistana çagyrmak we olaryň amala aşyrjak saparynyň çäklerinde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda halkara syýahatçylygyň ösdürilmegine bagyşlanan maslahaty guramak baradaky teklip, şonuň ýaly-da «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ykdysady we maliýe mümkinçiliklerini artdyrmak, migrasiýa, gümrük ugurlarynyň gurallaryny kämilleşdirmek maksady bilen, bu ýerde halkara kadalara laýyklykda ýörite wiza tertibini işläp düzmek we girizmek meselelerini öwrenmek baradaky başlangyç öňe sürüldi.

Gahryman Arkadagymyz iş maslahatynyň barşynda degişli hünärmenleriň ýokary derejede taýýarlanylmagynyň wajypdygyna ünsi çekdi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna jahankeşdeleri işjeň çekmek üçin bu ýerde zerur bolan häzirki zaman düzümleriniň, şol sanda ösen ulag we logistika ulgamynyň döredilmegine üns bermelidigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň çykyşynda geosyýasy we geoykdysady taýdan möhüm merkezleriň birine öwrülýän Hazar sebitinde hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ýurdumyzda durmuşa geçirilýän syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Bu ugurda Türkmenistanda dünýäniň ulag-kommunikasiýa ulgamyna sazlaşykly goşulyşmaga ukyply iri düzümleriň kemala gelýändigi bellenildi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Hazarýaka döwletler bilen ýurdumyzyň arasynda ulag pudagynda gol çekilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklaryň Hazar deňzini ösen düzümli, iri halkara ulag merkezine öwürmegiň degişli hukuk esasyny düzýändigini belläp, onuň ulag düzümini has-da kämilleşdirmäge, ulag hyzmatlarynyň we multimodal gatnawlaryň hilini ýokarlandyrmaga, bu ugurda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga itergi berjekdigine ünsi çekdi. Maslahatda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda alnyp barylýan gurluşyk işleriniň hem depginini ýokarlandyrmagyň wajypdygyny belläp, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy dynç alyş zolagynyň çägini giňeltmek we Hazaryň ekologik taýdan arassa kenarynda syýahatçylyk ulgamynyň desgalarynyň gurluşygyny çaltlandyrmak meseleleriniň wajypdygyny nygtady.

Hormatly Arkadagymyz «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda söwda we hyzmatlar ulgamynyň, şol sanda hususy pudagyň alyp barýan işleriniň ähmiýetlidigini belläp, hyzmatyň medeniýetini kämilleşdirmek hem-de dynç alýanlary azyk önümleri bilen üpjün etmek meseleleriniň hemişe gözegçilikde saklanmalydygyny belledi. Hormatly Arkadagymyz Awazada dürli derejedäki halkara medeni çäreleriň, şol sanda milli medeniýetimizi wagyz etmek boýunça çäreleriň guralmagynyň möhümdigini tekrarlady. Hazaryň kenarynda sungat festiwallarynyň, döredijilik duşuşyklarynyň we kitap sergileriniň guralmagy bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykmagyny şertlendirer. Şunuň bilen birlikde, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ähli ugurdaş düzümleriniň we gulluklarynyň işine öňdebaryjy tejribäni, sanly tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmagyň zerurdygy bellenildi.

Gahryman Arkadagymyz raýatlaryň, aýratyn-da, ýaşlaryň saglygyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýeti bolan sport toplumlarynyň işini döwrebap derejede guramagyň zerurdygyna ünsi çekdi. Hazaryň kenarynda dynç alyş möwsüminde bolşy ýaly, beýleki wagtlarda hem ulaglaryň sazlaşykly hereketini ýola goýmak, bu ýerde degişli tertip-düzgüni berk berjaý etmek, deňziň kenarynda dynç almagy halaýanlar üçin gelmek-gitmek bilen baglanyşykly ýagdaýlary kadalaşdyrmak meseleleriniň hemişe gözegçilikde saklanmalydygyny we bu ugurda degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň üpjün edilmelidigini belledi.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Türkmenbaşy şäheriniň Halkara howa menziline gelip, bu ýerden paýtagtymyza ugrady.

# ПОЛИТИЧЕСКИЕ КОНСУЛЬТАЦИИ МЕЖДУ МИНИСТЕРСТВАМИ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И ТУРЦИИ



28 ноября 2022 года в Анкаре состоялись политические консультации между Министерствами иностранных дел Туркменистана и Турецкой Республики.

Туркменскую делегацию возглавил Заместитель Председателя Кабинета Министров, Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, а турецкую – Министр иностранных дел Турции Мевлют Чавушоглу.

Министры Р.Мередов и М.Чавушоглу подтвердили, что Туркменистан и Турция придают большое значение как двустороннему сотрудничеству в торгово-экономической и гуманитарной сферах, так и взаимодействию в рамках международных организаций.

Главы внешнеполитических ведомств двух стран обсудили актуальные вопросы двусторонних туркмено-турецких отношений и взаимодействие в рамках региональных и международных структур. Было подчеркнуто, что контакты на высшем и высоком уровне, а также регулярные консультации между внешнеполитическими ведомствами двух стран являются важным фактором в продвижении отношений. В этой связи обсуждались возможности осуществления визита Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в Турцию в начале 2023 года.

Руководитель МИД Турции приветствовал получение Туркменистаном статуса наблюдателя в Организации тюркских государств и выразил надежду на то, что он станет постоянным членом.

Дипломаты рассмотрели вопросы подготовки к трехсторонней встрече Туркменистан-Азербайджан-Турция, которая запланирована к проведению в Авазе, г.Туркменбаши, в ходе которой планируется подписание ряда соглашений. Также в преддверии трехсторонней встречи в Туркменистане была отмечена важность проведения встречи министров энергетики, транспорта и иностранных дел.

Говоря о необходимости скоординированных действий по расширению экономической деятельности, стороны отметили роль Межгосударственной туркмено-турецкой комиссии по экономическому сотрудничеству и Туркмено-турецкого делового совета. Обсуждались вопросы в сфере энергетики, а также в области установления транспортно-транзитных коридоров.

Дипломаты также говорили о дальнейшем развитии культурно-гуманитарных отношений. Обсуждались вопросы взаимодействия в сфере культуры, науки, спорта и образования.

В рамках визита министр иностранных дел Туркменистана был принят Президентом Турецкой Республики Реджепом Тайипом Эрдоганом. Р.Мередов передал Президенту Турецкой Республики приветствия и наилучшие пожелания от имени Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова и Председателя Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова.

В ходе встречи стороны обсудили широкий круг вопросов двустороннего туркмено-турецкого взаимодействия.

Интернет газета
Международные новости

## Состоялся телефонный разговор Министра иностранных дел Туркменистана с Министром иностранных дел Республики Корея

24 ноября 2022 года состоялся телефонный разговор Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Министром иностранных дел Республики Корея Пак Джином.

В ходе беседы министры обсудили приоритетные вопросы двусторонней повестки дня, а также обменялись мнениями о встречах, которые состоятся с участием делегаций высокого уровня двух стран.

Стороны рассмотрели итоги состоявшегося в октябре текущего года в Пусане Форума сотрудничества "Центральная Азия – Республика Корея" и выразили уверенность, что 16-ое заседание данного форума пройдет на высоком уровне в 2023 году в Ашхабаде.

Глава туркменского внешнеполитического ведомства заявил, что Туркменистан с чувством большой ответственности и благодарности принимает председательство в этом форуме, и отметил, что с сегодняшнего дня ведется активная подготовка к проведению в 2023 году в Ашхабаде 16-го Форума "Центральная Азия – Республика Корея"

Межпарламентское сотрудничество занимает особое значение в развитии двусторонних отношений между Туркменистаном и Республикой Корея. Р.Мередов подчеркнул, что Туркменистан придает большое значение расширению парламентских связей между двумя странами. Отмечается важное значение первого официального визита Председателя Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова в Республику Корея в ноябре текущего года, открывающего новую страницу в истории двусторонних отношений между нашими странами в парламентской сфере, а также по другим направлениям сотрудничества, представляющим взаимный интерес.

Рассматривая вопросы двусторонней и многосторонней повестки дня, стороны отметили поступательное развитие туркмено-корейских отношений, что свидетельствует об их стремлении к расширению торгово-экономического сотрудничества и дальнейшему углублению культурно-гуманитарных связей.

## Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan held talks with his colleague in Seoul

On November 24, 2022, in the building of the Ministry of Foreign Affairs of the Republic of Korea, a meeting was held between the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan B. Myatiev and the Deputy Minister of Foreign Affairs of this country, Ryu Jeong-hyun.

At the meeting, the parties discussed issues of further development and strengthening of political and diplomatic cooperation, including cooperation between the two countries in various areas, including inter-parliamentary relations, trade-economic, cultural and humanitarian partnership.

One of the key issues discussed at the meeting was the issue of maintaining and developing contacts between the two countries at a high level.

### *Соболезнования*

Министерство иностранных дел Туркменистана выражает глубокие соболезнования в связи с безвременной кончиной нашего уважаемого коллеги Министра иностранных дел Республики Беларусь Владимира Владимировича Макея.

Владимир Владимирович внес значительный вклад в дело развития дипломатической службы Беларуси, последовательно, твердо и принципиально проводил в жизнь внешнюю политику своей страны, отстаивал ее позицию и интересы на международной политической арене.

Особо следует отметить его усилия в деле укрепления и развития традиционно дружественных двусторонних туркмено-белорусских отношений.

Владимир Владимирович Макей навсегда останется в нашей памяти как высокопрофессиональный дипломат, скромный и порядочный человек, искренний и преданный друг.

***Министерство иностранных дел Туркменистана***

## *A solemn event was held in connection with the renovation of the building of the Health Center of Garamgol Etrap, Faryab province of Afghanistan and the provision of humanitarian aid*

As is known, Turkmenistan constructed the Health Center in the Garamgol district of Faryab province and put it into use in August 2009. On November 26, 2022, under the guidance of the Consulate General of Turkmenistan in Afghanistan (Mazari-Sharif), solemn official ceremony was held in connection with the full renovation of the Health Center by Turkmen workers and delivery of medical equipment and medicines from Turkmenistan to the Afghan side as humanitarian aid.



The ceremony was attended by the head of the representative office of the Ministry of Foreign Affairs of Afghanistan in Balkh province, mayors of Garamgol, Gorgan, Andhoy and Khancharbagh districts of Faryab province, heads of health care institutions, residents and respected elders.

The participants of the event expressed their gratitude to the Honorable President of Turkmenistan on behalf of the Afghan people, noting their immense gratitude for the various humanitarian aid continuously provided by Turkmenistan to the people of Afghanistan over many years.

They also expressed their gratitude to the Honorable Hero-Arkadag and Honorable President of Turkmenistan for their constant humanitarian and fraternal assistance and their efforts to bring political stability to Afghanistan, and prayed for their great success and good health in their responsible state work.

Then, with the participation of the guests who came to the ceremony at the Health Center, a sadaka was given to the good health of Honorable Hero-Arkadag and Honorable President of Turkmenistan.

Also, in order to spread information about the event and humanitarian aid to the Health Center, representatives of Afghanistan's "Milli" TV, Tolqun News of the Turkmen diaspora in Afghanistan, and other local mass media took part in the event.

In addition, during the ceremony, Turkmen textbooks intended for grades 1-4 were handed over to Mahmut Khan Abdylla, head of education department of Garamgol region, to be used as a guide in Turkmen language classes in the schools of the region.

# НОВОСТИ И ППРЕДСТАВИТЕЛЬСТВ ТУРКМЕНИСТАНА ЗА РУБЕЖОМ

### *Информация для СМИ*

В Рабате, столице Королевства Марокко началась 17-я сессия Межправительственного комитета по охране нематериального культурного наследия ЮНЕСКО. Церемония открытия состоялась в воскресенье, 27 ноября 2022 года в Королевском конном клубе Дар-эс-Салама в Рабате. Работа комиссии продлится с 28 ноября по 3 декабря 2022 г.




Ежегодное собрание проходит под председательством г-на Самир Аддахре, посла и постоянного представителя Королевства Марокко при ЮНЕСКО. В её работе принимают участие представители государств-участников Конвенции по охране нематериального наследия (2003 г.), неправительственных организаций, учреждений культуры и других заинтересованных сторон со всего мира. Туркменскую сторону на сессии представляют Чрезвычайный и Полномочный посол Туркменистана во Франции, Постоянный представитель Туркменистана при ЮНЕСКО и ответственный секретарь Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО.

Как ожидается, в ходе очередного заседания будут рассмотрены всего 46 новых заявок на включение в Репрезентативный список нематериального культурного наследия человечества, представленных

государствами-участниками Конвенции. Среди них, три многонациональные номинации, которые были выдвинуты по инициативе и с участием Туркменистана - это «Туркменское искусство вышивки», «Шелководство и традиционное производство шелка для ткачества» и «Традиции пересказа анекдотов Ходжи Насреддина.

Помимо того, будут рассмотрены 4 заявки на включение в Список нематериального культурного наследия, нуждающегося в срочной охране.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Ашхабаде пройдет турнир игры «Что? Где? Когда?»*

4 декабря в ашхабадском торгово-развлекательном центре «Беркарар» будет разыгран зимний Кубок интеллектуальной игры «Что? Где? Когда?». Организаторами выступает представительство Европейского Союза в Туркменистане.

В турнире могут принять участие все желающие, как команды, так и отдельные игроки без возрастных ограничений. Каждая команда может состоять из восьми человек - 6 основных игроков и 2 запасных.

Командам нужно будет ответить на 24 вопроса (по 12 вопросов в каждом из двух туров), по результатам которых лучшие две сборные выйдут в финал. В финале они поборются за звание чемпиона турнира. А остальные команды продолжат играть на вопросах финала в борьбе за последующие места.

### *Студент из Туркменистана стал победителем научного конгресса стран ОИС среди молодежи в Казани*

Туркменский студент Илья Лурьев стал победителем Международного молодежного научного конгресса организации исламских стран (ОИС), проходившего в конце ноября в столице Татарстана (РФ) в рамках проекта «Казань – молодежная столица ОИС 2022». Известие о победе молодого ученого из Туркменистана опубликовано на сайте туркменского генконсульства в Казани.

Туркменистан представляли двое молодых людей из Международного университета нефти и газа имени Ягшыгелди Какаева – Илья Лурьев – студент второго курса и Гадам Гараев – преподаватель этого вуза. Исследовательская работа Ильи «Оптимизация конструкции обводнённой скважины» единогласно была признана лучшей и награждена соответствующим сертификатом.

Заявки подали 1400 молодых ученых и исследователей из 54 стран мира. Однако отборочный этап прошли только 100 лучших молодых людей в возрасте от 18 до 35 лет из Азербайджана, Бангладеша, Буркина-Фасо, Египта, Индонезии, Казахстана, Кыргызстана, Марокко, Мозамбика, Малайзии, Нигерии, Пакистана, Туркменистана, Таджикистана, Туниса, Саудовской Аравии, Узбекистана и Уганды.

### *Страны ЕС и ЦА обсудили совместные усилия по укреплению устойчивости к изменению климата*

Представители ООН, государств Центральной Азии и Европейского Союза встретились для обсуждения реализации проекта Сендайской рамочной программы, в рамках которой была разработана совместная Стратегия снижения риска бедствий в Центральной Азии.

Встреча прошла под эгидой Европейского Союза, Посольства Республики Казахстан в Королевстве Бельгия и Управления ООН по снижению риска бедствий (UNDRR).

Инициатива, которую реализует UNDRR, началась в 2019 году и ее поддерживает Туркменистан, Казахстан, Кыргызстан, Таджикистан и Узбекистан. Страны также поддерживают создание основ для большей устойчивости к стихийным бедствиям за счет обмена данными, управления и сотрудничества на местном, городском и региональном уровнях.

### *Мастера традиционного каратэ из Туркменистана примут участие в соревнованиях в Польше*

Польский город Люблин с 8 по 11 декабря станет местом проведения Чемпионата мира, а также Детского кубка по традиционному каратэ.

Соревнования в Польше соберут каратистов из более чем 50-ти стран мира. Чемпионат мира и Детский Кубок станут крупнейшим событием года в традиционном каратэ.

Сборная Туркменистана по традиционному карате будет представлена на турнирах в Люблине десятью спортсменами и двумя тренерами.